# Germaniýa yza tesýär!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Germaniýa yza tesýär! GERMANIÝA YZA TESÝÄR!




Soňky günlerde Germaniýada şüweleňli edilýän jedelli gürrüňleriň birem – 15 ýaşly mekdep okuwçylarynyň bilim derejesini, matematikadan gönükme işläp we problema çözüp bilmek ukyplaryny synap gören PISA barlaglarynyň netijeleri boldy.
Geçen ýaz aýlarynda geçirilen alty müňe golaý nemes okuwçysynyň gatnaşan barlagynyň netijeleri geçen hepde mälim edildi we Germaniýa häzire çenli iň ýaramaz netijesini aldy.
Hakykatda Germaniýanyň netijeleri OECD (Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş guramasy) derejelendirmesiniň ýokarsynda, şeýle-de bolsa, öňki ýyllara garanda ep-esli yza tesişligiň bardygy göze ilýär.
Elbetde, PISA testleriniň netijeleriniň mälim edilmeginden soň «Germaniýadaky yza tesişlige migrant gelip çykyşly okuwçylar sebäp bolýarmyka?» diýen ýaly çekişmeleri-de orta atdy.
Meniň pikirimçe, elbetde, migrant gelip çykyşly okuwçularyň çykan ýaramaz netijelerde belli bir derejede täsiri bolup biler, hernäme-de bolsa, olaryň ep-esli böleginiň dil we integrasiga kynçylygyny başdan geçirýändigi hemmelere mälim hakykat.

Emma meseläniñ düýp çeşmesi Germaniýada we nemesleriñ özünde. Şonsuzam soñky ýyllarda bu ýurtda yza tesişligiñ we agsamagyñ bardygy göze ilýär.
Bilimden saglygy goraýyşa, transportdan munisipalitet hyzmatlaryna çenli hemme ugurda agsamalar bar.




Geliñ, size otuz ýyl bäri ýaşap gelýän Germaniýamda gündelik durmuşda gabat gelýän agsamalardan anyk mysallar bereýin.
Soñky günlerde Germaniýada otly gatnawlarynda ýygy-ýygydan bökdençlikler bolýar.
Geçen hepde meni görmäge gelen bir tanşym otly bilen iki sagatlyk ýoly zordan sekiz sagatda geçip geldi, çünki otly

gatnawlarynyñ ugry gaçdy.
Aslynda bu, diñe umuman bolýan ýa-da tanşyma mahsus ýagdaý däl, tersine ýygy-ýygydan bolýan we indi endige öwrülen hakykat.
Hut meniñ özüm mundan iki ýyl öñ Türkiýä gidip gelenimde, Mýunhen howa menzilinden şäher merkezine gitmek üçin tegelek 45 minut garaşmaly bolupdym.
Şu oktýabr aýynda Stambula gidup gelenimde bolsa, howa menziliniñ metrosynda remont gidýärdi we metro işlänokdy. Ýolagçylar awtobuslar bilen iñ ýakyn metro duralgasyna daşalýardy.
Germaniýanyñ jemgyýetçilik ulaglarynyñ ýagdaýy birküç ýyl öñem gowudy, häzir bolsa haýsy tarapdan alsañam, Stambuldaky jemgyýetçilik ulaglaryny ýada salýar.
«U-Bahn» diýilýän metrolar we metrobuslar irdenine işe barylýan we agşamyna işden çykylýan wagty hyryn-dykyn bolýar we oturmaga boş ýer tapyp bolanok.
Şu gün işden gaýdyp barýarkam bir türk bilen nemesiñ özara gürrüñi gulagyma ildi. Türk nemes dostuna «Men Stambuldaky ulag dyknyşygyndan gaçyp bärik geldim, indi bärem Stambula meñzäp başlady, şoñ üçin watan zaryny çekip ýörmegiñ geregi ýok, iñ gowusy ýurduma dolanaýyn» diýip henek atýardy.
Germaniýada býurokratiýa şeýle bir agyr welin, munisipalitetiñ bir ýerde başlan, birküç hepdede dynmaly abadanlaşdyryş işleri birnäçe ýyla çekip bilýär. Meselem, 2017-nji ýylda başlanan we alty aýdan gutarmagy meýilleşdirilen Mýunheniñ «Sendlinger Tor» metro duralgasyndaky remont we täzeleýiş işleri henizem gutaranok. Edil şonuñ ýaly Mýunheniñ «Hauptbahnhof» esasy otly duralgasy birnäçe ýyl bäri dowam edip gelýän işler sebäpli gurluşyk meýdanyny ýada salýar.
Käbir hassahanalar we okuw jaýlary bilen birlikde hemme ugurda işgär ýetmezçiligi duýulýar. Nemes hökümeti daşardan ýokary bilimli kadrlary getirmek üçin şertleri näçe gowulandyranam bolsa, problema heniz çözülenok.




Işeññirlikleri bilen tanalan nemesler indi has az işläp, has köp pul gazanmagyñ ýollaryny gözleýär.
Jedelli meselelerden birem bahalar we hak-heşdekler öñküligine galmak şerti bilen hepdede dört gün iş režimine geçmek.
Işeññirlik, ukyp-başarnyk, düzgün-tertip minutma-minutlyk ýaly öñki nemes prinsipleri bireýýäm unudyldy.
Indi ýurtda işe bir minut gijä galmak beýlede dursun, 5-10 minut gijä galyp gelmelerem geñ görlenok.
Gepiñ keltesi, Germaniýanyñ ýalp-ýulpy kem-kemden öçüp barýar.
Ynanmarsyñyz, häzir Germaniýanyñ internet infrastrukturasy Türkiýäñkiden has pes. Seýilgählerde we şäheriñ belli

ýerlerinde gezeniñizde, el telefonlaryñyzdaky internet ýygy-ýygydan kesilýär. Ýerasty metroda bolsa internet şonsuzam işlänok. Şeýle-de, jemgyýetçilik ulaglarynda Stambuldaky ýaly tölegsiz internet hyzmaty ýok.

«Germaniýada ýagdaý şolar ýaly erbet bolsa, nämüçin ýurda gaýdyp geleňok» diýenlerem bolup biler. Muña şu jogaby bermek mümkin:

Germaniýada hemme ugurda hiliñ gitdigiçe peselýändigi hakykat, emma Türkiýäniñ derejesine düşmegi üçinem ýene ep-esli wagt gerek. Başgaça aýdanda, «bu bürünç entek köp suw sorup aljaga meñzeýär».

Esedulla OGUZ,

Germaniýaly türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 12.12.2023 ý. Publisistika